MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | IÝUN AÝYNYŇ 28-i, 2025. №25

# HALKARA SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER UNIWERSITETI DÖREDILDI



Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa döwletimiziň kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Mejlisiň nobatdaky maslahatyny geçirmek boýunça taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Onda Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň taslamasyna seretmek we kabul etmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem maslahatyň gün tertibine “Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda”, “Türkmenistanyň Gümrük kodeksine goşmaçalar girizmek hakynda”, “Gümrük gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda”, “Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunlarynyň taslamalary giriziler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşindäki ýokary okuw mekdepleriniň işini düzgünleşdirmek we ygtyýarlylandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Bilim ministrligi hem-de Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň görnüşleriniň sanawyna “Ýokary hünär bilimi” hem-de “Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi” iş ugurlaryny girizmek maksadalaýyk hasaplanýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän toplumy, hususan-da, “Türkmengeologiýa” döwlet korporasiýasy tarapyndan ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda gazylyp alynýan gaty magdanlaryň we seýrek duş gelýän minerallaryň gözlegi boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şunda kuwwatly göçme buraw desgalaryndan, tehnikalardan netijeli peýdalanylýar. Bu işleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi metal önümçiliginde, elektronika ulgamlarynda ulanylýan çig mal serişdelerini üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzda geçirilmegi göz öňünde tutulýan çärelere görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Aşgabady bagy-bossanlyga öwürmek we onuň ýaşaýjylarydyr myhmanlary üçin has amatly şertleri döretmek, baýramçylyk dabaralaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça zerur işler alnyp barylýar.

### HALKARA SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER UNIWERSITETI DÖREDILDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew telekeçilik ulgamynda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bilim we ylym ulgamynyň toplumlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurda bar bolan kuwwatyň pugtalandyrylmagy, ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlanylmagy ýurdumyzyň durnukly ösüşine, täze sepgitlere ýetmegine ýardam berýär. “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna” laýyklykda hem-de hususy pudagy mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, telekeçilik we işewürlik gurşawy üçin hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen zerur işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýokary okuw mekdebini döretmek hakynda degişli resminamanyň taslamalaryny hödürledi.

**Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ykdysadyýetiň hususy pudagyny ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy hem-de ýokary bilimli işgärleri taýýarlamak, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetini döretmek hakynda Permana, täze döredilýän uniwersitetiň ýolbaşçylaryny bellemek bilen bagly degişli resminamalara gol çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Balkan welaýatynda Medeniýet hepdeligini geçirmek hakynda Kararyň taslamasy barada hasabat berdi. Nobatdaky Medeniýet hepdeligini 2026-njy ýylyň 22 – 27-nji iýuny aralygynda geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasy hödürlenildi.

### TÜRKMENISTAN HALKARA YNSANPERWER IŞINI IŞJEŇLEŞDIRÝÄR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň halkara ynsanperwer işi barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, dürli ýurtlar we halkara guramalar bilen ynsanperwer hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmegiň Bitarap Watanymyzyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy bellenildi.

Häzirki günde Türkmenistan 54 sany halkara gurama we ynsanperwer häsiýetli maksatnamalara, şol sanda halkara ynsanperwer hukugy boýunça köptaraplaýyn resminamalara gatnaşyjy döwlet bolup durýar. Bu resminamalaryň esasynda alnyp barylýan özara bähbitli hyzmatdaşlygyň çäklerinde 1994-nji ýyldan bäri ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde dürli ugurlar, esasan-da, durmuş meseleleri boýunça 333 sany milli hem-de sebit taslamalary, maksatnamalar durmuşa geçirildi.

Goňşy sebitlerde bolup geçýän syýasy-strategik ýagdaýlary nazara almak bilen, döwletimiz tarapyndan möhüm ynsanperwer çäreler amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň goldaw bermeginde, Türkmenistan Ýakyn Gündogar sebiti bilen araçäkleşýän ýeke-täk Merkezi Aziýa döwleti hökmünde, bu goňşy sebitde ýüze çykan çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli ynsanperwer işleri durmuşa geçirýär. Şu maksatlar bilen, hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryndan ugur alnyp, ugurdaş düzümler tarapyndan zerur bolan toplumlaýyn işler, şol sanda daşary ýurtlaryň howa gämilerini Aşgabadyň Halkara howa menziline gondurmak hem-de olara hyzmat etmek, türkmen-eýran serhedindäki ähli gözegçilik-geçiriş nokatlarynyň gije-gündizleýin işlemegini üpjün etmek boýunça degişli işler alnyp baryldy. Şeýlelikde, Türkmenistan daşary ýurtlaryň müňlerçe raýatynyň ýurdumyzyň üsti bilen öz döwletlerine gitmekleri üçin ynsanperwer geçelgäni döretdi.

Häzirki wagta çenli şol geçelgeden 4 müň 640 adam geçdi. Olaryň arasynda Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň, Ýewropanyň, Afrikanyň, Amerika yklymynyň 50-den gowrak ýurdunyň raýatlary bar. Bu bolsa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine, ynsanperwer ugurda öz üstüne alan halkara borçnamalaryna berk ygrarlydygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

### RAÝAT AWIASIÝASY ÜÇIN HALKARA DEREJELI HÜNÄRMENLER TAÝÝARLANÝAR

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzyň raýat awiasiýasy pudagy üçin halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň aprelinde «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebine Halkara raýat awiasiýasy guramasy (ICAO) tarapyndan «Trainair Plus» maksatnamasy boýunça degişli güwänama berildi. Munuň özi diňe bir ýurdumyzyň hünärmenlerini taýýarlamak bilen çäklenmän, daşary ýurtlaryň hünärmenlerini hem taýýarlamaga we bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bilen, mekdebiň halkara ülňülere laýyk gelýän okuw usulyýetini giňeltmäge mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysy ICAO tarapyndan bu mekdebiň binýadynda 2025-nji ýylyň dowamynda birnäçe ugurlar boýunça tapgyrlaýyn okuwlary ýola goýmagyň maksadalaýyk boljakdygyny aýdyp, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe wajyp meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI RUSSIÝANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINI KABUL ETDI

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow resmi sapar bilen ýurdumyza gelen Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrowy kabul etdi. Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow duşuşykdan soňra beren beýanatynda Türkmenistanyň Prezidenti bilen örän netijeli duşuşygynyň bolandygyny aýtdy.** ● 2




## 1 MILLION TONNADAN GOWRAK TÜRKMEN BUGDAÝY TAÝÝAR



**Ýurdumyzyň ussat gallaçy kärendeçileri Watan harmanyna ak bugdaýyň 1 million tonnadan gowragyny tabşyrdylar. Munuň özi edermen daýhanlaryň yhlasly zähmetiniň we ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny hemmetaraplaýyn ösdürmek ugrunda döwlet tarapyndan edilýän tagallalaryň aýdyň netijesidir. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ak ekin meýdanlarynda orak möwsümi gyzgalaňly dowam edýär.** ● 3

## TÜRKMENISTANYŇ HARYTLARY: STAMBULYŇ SERGI SAHNASYNDA

**2025-nji ýylyň 2-5-nji iýuly aralygynda Türkiýäniň ykdysady we söwda merkezleriniň biri hasaplanýan Stambul şäherinde Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi geçiriler. Bu sergi ýurdumyzyň ykdysady ösüşlerini we önümçilik mümkinçiliklerini halkara derejesinde tanyşdyrmagy maksat edinýär. Sergi Türkmenistanyň hökümetiniň hem-de degişli döwlet we hususy pudaklarynyň bilelikde guramagynda geçiriler. Onuň çäginde ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli, halkara standartlaryna laýyk gelýän we bäsleşige ukyply harytlar giňden görkeziler.** ● 4



# TFF-niň ýolbaşçylar düzümi FIFA-nyň Ýerine ýetiriji futbol sammitine gatnaşdy



**Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň başlygy Guwançmuhammet Öwekow bilen TFF-niň Baş sekretary Serdar Geldiýew Maýami (ABŞ) şäherinde geçirilen FIFA-nyň Ýerine ýetiriji futbol sammitine gatnaşdylar.**

**Geçirilen çäre FIFA-nyň, alty yklymyň konfederasiýalarynyň, şeýle-de bütin dünýäniň milli futbol assosiasiýalarynyň ýolbaşçylar düzümidir wekillerini özünde jemledi. Sammitiň esasy ugry dünýä futbolyny ösdürmäge gönükdirildi.**

**Sammitiň dowamynda geçirilen maslahatlaryň esasy ugry oýunçylary hasaba alyş ulgamy bolan FIFA Connect maksatnamasynyň giňden ornaşdyrylmagyny, zenanlar futbolyny ösdürmegi, ýaşlar futbol maksatnamalaryny we infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmagy, şeýle-de halkara ýaryşlaryna taýýarlyklary, şol sanda FIFA Klublar dünýä çempionatynyň täzelenen görnüşiniň sanly üýtgeşmelerini öz içine aldy.**

**Şeýle-de, FIFA Arena global maksatnamasynyň çäginde durmuşa geçirilýän dünýäniň dürli ýurtlarynda häzirki zaman kiçi futbol meýdançalaryny ulanyşa girizmäge aýratyn üns berildi. Bu taslama çagalara we ýaşlara futbol oýnamak üçin giň mümkinçilik döretmäge, esasanam köpçülikleýin futboly ösdürmäge gönükdirilendir.**

**Türkmenistanyň Futbol federasiýasy FIFA Arena maksatnamasyna gatnaşmaga gyzyklanma bildirip, ony Türkmenistanda giň gerimde durmuşa geçirilmegi ugrunda iş geçirmäge isleg bildirdi.**

# “Oxfam”: Dünýäniň baýlarynyň baýlygy 33,9 trillion dollar artdy



**“Oxfam” guramasynyň BMG-niň Sewilýada geçiriljek ösüşe maliýe goldaw maslahatynyň öňüsyrasynda çap eden täze hasabatyna görä, dünýäniň iň baý adamlarynyň baýlygy 2015-nji ýyldan bäri hakyky görnüşde 33,9 trillion dollar ýokarlandy.**

**Bu “şahsy baýlygyň astronomik ösüşi” häzirki wagtda ynsanperwer kömekleriň rekord derejesinde azalmagy bilen utgaşýar: G7 ýurtlary ony 2026-njy ýylda 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende 28% azaldar – bu bolsa 1960-njy ýyldan bäri iň uly peselme hökmünde kabul edilýär.**

**2015-nji ýyldan bäri dünýä boýunça üç müň milliarderiň baýlygy 6,5 trillion dollar artdy we bu möçber häzirki wagtda dünýäniň JIÖ-niň 14,6%-ine deňdir. Şonuň bilen birlikde, şahsy baýlyk 1995–2023-nji ýyllar aralygynda 342 trillion dollara çenli artdy, bu döwlet emläklerinden (44 trillion dollar) sekiz esse köp.**

## RESMI HABARLAR



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmek, milli medeniýetimizi, sungatymyzy we edebiýatymyzy täze eserler bilen baýlaşdyrmak, döredijilik işgärleriniň hünär ussatlygyny artdyrmak, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini döwrebaplaşdyrmak, döredijilik işgärlerini täze eserleri döretmäge ruhlandyrmak, şeýle-de Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli ýurdumyzda geçirilmegi asylly däbe öwrülen Medeniýet hepdeliklerini türkmen milli toýy görnüşinde geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2026-njy ýylyň 22 – 27-nji iýuny aralygynda Balkan welaýatynda Medeniýet hepdeligini geçirmek bellenildi hem-de hepdeligi geçirmek boýunça guramaçylyk topary döredildi we onuň düzümi tassyklanyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Hydyrguly Atamyradowiç Kadyrow, başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Hydyrguly Atamyradowiç Kadyrowy Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň rektory wezipesine bellemek hakynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň müdiriýetiniň çykaran karary makullanyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Handurdy Şadurdyýewiç Handurdyýew, başga işe geçmegi sebäpli, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Handurdy Şadurdyýewiç Handurdyýewi Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň okuw işleri boýunça prorektory wezipesine bellemek hakynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň müdiriýetiniň çykaran karary makullanyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Aýmyrat Babamyrat ogly Muhammedow, başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň ylmy işler boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Aýmyrat Babamyrat ogly Muhammedowy Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň ylmy işler boýunça prorektory wezipesine bellemek hakynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň müdiriýetiniň çykaran karary makullanyldy.

# Türkmenistanyň Prezidenti Russiýanyň daşary işler ministrini kabul etdi

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow resmi sapar bilen ýurdumyza gelen Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrowy kabul etdi.**

**Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow duşuşykdan soňra beren beýanatynda Türkmenistanyň Prezidenti bilen örän netijeli duşuşygyň bolandygyny aýtdy.**

**Şeýle hem ol Türkmenistan bilen Russiýa Demirgazyk-Günorta ulag geçelgesini taslamasyny durmuşa geçirmek üçin möhüm orun degişlidigini belledi.**

**– Russiýa we Türkmenistan, hakykatdanam geljegi uly bolan bu işiň durmuşa geçirilmeginde möhüm rol oýnar, bu bolsa sebitimiziň logistika we Ýewraziýa yklymynyň ösüşi babatdaky ornuny ep-esli güýçlendirer, demirgazyk we günorta deňizleriň arasyndaky baglanyşygy üpjün eder – diýip, Lawrow belläp geçdi.**

**Russiýanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy duşuşykda iki ýurduň arasyndaky hökümetara toparynyň nobatdaky mejlisiniň möhletini kesgitlemek babatda hem ylalaşandyklaryny aýtdy.**

**Ozal hem habar berşimiz ýaly, Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow düýn resmi sapar bilen Türkmenistanyň paýtagty Aşgabada geldi. Russiýanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy mundan ozal, 2022-nji ýylda Aşgabatda saparda bolupdy.**

# Lawrow: türkmen-rus uniwersiteti boýunça hökümetara şertnama taýýarlanar



**Türkmenistanda resmi saparda bolan Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň işgärleriniň hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlarynyň we talyplarynyň öňünde çykyş etdi.**

**Sergeý Lawrow bu duşuşykda eden çykyşynda ýakyn wagtda türkmen-rus uniwersitetini döretmek boýunça hökümetara şertnamanyň taýýarlanjakdygyny belledi.**

**– Ýakyn döwürde türkmen-rus uniwersitetini döretmek boýunça giň göwrümli taslamany durmuşa geçirmegi meýilleşdirýäris. Biz türkmen kärdeşlerimiz bilen bu ugurda hökümetara şertnamany taýýarlamagyň işi barada pikir alyşdyk – diýip, rus ministri aýtdy.**

**Lawrow Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaşyklara ynsanperwer ugurdaky hyzmatdaşlyga uly orun degişlidigini aýdyp, Türkmenistanyň rus diline, edebiýatyna we medeniýetine berýän gyzyklanmasyna uly baha berýändiklerini belläp geçdi.**

**– Türkmenistanda Puşkin adyndaky bilelikdäki türkmen-rus mekdebi hereket edýär. Rus dili Türkmenistanyň blim edaralarynda giňden öwredilýär. Russiýada türkmen dili uniwersitetlerde we Astrahan oblastyndaky ýörite mekdepde okadylýar – diýip, Lawrow belledi.**

**Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow Aşgabada amala aşyran saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hem-de daşary işler ministri Raşid Meredow bilen duşuşdy.**

# Raşid Meredow bilen Marko Rubio arasynda telefon söhbetdeşligi



Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredowyň ABŞ-nyň Döwlet sekretary Marko Rubio bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy. Söhbetdeşligiň dowamynda taraplar giň gerimli ugurlar boýunça pikir alyşdylar.

Daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň wajyp ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Taraplar ýakyn wagtda duşuşmagy hem-de her ýylda guralýan ikitaraplaýyn geňeşmeleri geçirmegi ylalaşdylar. Diplomatlar özara gyzyklanma bildirilýän sebitleýin we halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar, hususan-da, soňky wagtda Ýakyn Gündogar sebitinde emele gelen ýagdaýlara degişli meselelere degip geçdiler.

Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldanylan Bitaraplyk syýasatyna daýanyp, öňüni alyş diplomatiýasy ýörelgelerine pugta ygrarlydygy hem-de islendik halkara meseleleriň çözülmeginde diplomatik usullaryň netijelidigine ynanýandygy nygtaldy.

Söhbetdeşligiň barşynda Türkmenistanyň we ABŞ-nyň geljekki mundan beýläk-de hyzmatdaşlyk etmegiň strategiýasy ara alnyp maslahatlaşyldy.

# Eýranyň daşary işler ministri Aşgabatda saparda boldy

Ýurdumyza saparda bolan Eýran Yslam Respublikasynyň daşary işler ministri Seýed Abbas Arakçi Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde duşuşyp, Türkmenistan bilen EYR-nyň arasyndaky gatnaşyklar ara alnyp maslahatlaşyldy. Ikitaraplaýyn geçirilen duşuşykda taraplar hyzmatdaşlygyň giň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Taraplar özara gyzyklanma bildirilýän halkara we sebit meseleleri, hususan-daÝakyn Gündogaryň häzirki ýagdaýy barada pikir alyşdylar.

Myhman hormatly Prezidentimize hem-de türkmen halkynyň Milli Liderine öz ýurdunyň döwlet ýolbaşçylaryny mähirli salamyny ýetirmek bilen, Eýran halkyna doganlyk raýdaşlygyny görkezendigi we bu kyn döwürde birnäçe ynsanperwer ýardamlary berendigi üçin çuňňur hoşallygyny bildirdi.

Ýakyn Gündogar sebitinde çylşyrymly ýagdaýyň döran ilkinji gününde Ysraýyl bilen Eýranyň arasyndaky döran dartgynly ýagdaýlar sebäpli Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen oňyn hemişelik bitaraplyk derejesi bolan döwlet hökmünde güýç ulanylmagyny ýa-da beý-



leki howplary hiç hili ýagdaýda goldamaýandygyny aýtdy. Islendik çylşyrymly ýagdaýda diňe BMG-nyň Tertipnamasyna we halkara hukugyny ykrar edilen kadalaryna esaslanýan parahatçylykly usullar bilen çözmek üçin giň syýasy we diplomatik serişdeleri ulanmagyň zerurlygyna aýratyn üns berildi.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen tarapy islendik halkara meselelerini parahatçylykly çözmek ýörelgelerine eýerip, gysga wagtda parahatçylygy gazanmak we bu sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek üçin ähli gyzyklanýan taraplar bilen gepleşikler arkaly Ýakyn Gündogardaky häzirki ýagdaýy çözmäge gatnaşmaga taýýardygyny mälim etdi.

EYR-nyň Daşary işler ministri türkmen tarapy bilen netijeli gepleşikleri işjeň dowam etdirmäge taýýardygyny aýtdy.

EYR-nyň daşary işler ministriniň ýurdumyza amala aşyran sapary netijeli häsiýete eýedir. Gepleşiklerde taraplar wajyp ugurlaryň üstünde içgin durup geçmek bilen, geljekde hem Türkmenistanyň EYR bilen hemişe dost-doganlyk gatnaşyklaryny saklap, birek-birege goldaw berip, ozaldan gelýän ylalyşyklary yzygiderli pugtalandyrjakdyklaryny bellediler.

# AZIÝA ÖSÜŞ BANKY AŞGABATDA LUKMANÇYLYK ORTA OKUW MEKDEBINIŇ GURLUŞYGYNY MALIÝELEŞDIRER

Türkmenistanyň DIM-iň binasynda Türkmenistan bilen Aziýa ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 25 ýyllygyna bagyşlanan tegelek stol maslahaty geçirildi.

Tegelek stol maslahatyna Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, bank düzümleriniň ýolbaşçylary, Aziýa ösüş bankynyň (AÖB) Günorta, Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça wise-prezidenti Ýan Inmini ýolbaşçylygyndaky wekilýet, şeýle hem ykdysadyýet we ösüş ulgamynyň bilermenleri gatnaşdylar.

Çäräni açylyş bölüminde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Hojamyrat Geldimyradow Türkmenistan bilen AÖB-nyň arasyndaky 25 ýyllyk hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýetini belläp, onuň ýurduň ösüşine we ykdysadyýetiniň güýçlenmegine möhüm goşant goşandygyny aýtdy. Energetika, ulag, şäher gurluşygy we Türkmenistanyň hususy pudagyny berkitmek ýaly hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary bellenildi.

Aziýa ösüş bankynyň Günorta, Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça wise-prezidenti Ýan Inmin öz çykyşynda AÖB bilen Türkmenistanyň arasyndaky köpýyllyk hyzmatdaşlygyň birek-birege ynanyşmak we hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýandygyny aýtdy. Şeýle hem, Aşgabatda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen ýakynda bolan duşuşygyň ähmiýetini aýratyn belledi.





Tegelek stol maslahatynyň dowamynda AÖB bilen Türkmenistanyň bilelikdäki täze taslamalary barada maglumat berildi.

Hususan-da, Arkadag akylly şäherinde durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýän taslamalaryň ähmiýeti barada gürrüň edildi. Bu hakda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň şu ýylyň maý aýynda Arkadag şäherinde AÖB-niň wekili bilen geçiren duşuşygynda nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, agzalan duşuşygyň çäklerinde gol çekilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnamanyň ähmiýeti bellenildi.

Şeýle-de, maslahata gatnaşyjylar Türkmenistan bilen AÖB-niň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljegini, şol sanda infrastruktura taslamalaryny maliýeleşdirmek, hususy pudagy goldamak, adam maliýesini ösdürmek we durnukly ösüş ýaly ugurlary ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanyň energiýa pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmaga, demir ýol ulaglaryny döwrebaplaşdyrmaga we AÖB-niň maliýe we karz hyzmatlarynyň goldawy bilen kiçi we orta kärhanalary ösdürmäge aýratyn üns berildi.

Çykyş edenler ýurduň AÖB bilen özara gatnaşyklarynyň netijeli häsiýetine ünsi çekip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki wagtda 2024-2028-nji ýyllarda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk Strategiýasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýändigini bellediler.

Çäre çärýek asyryň dowamynda Türkmenistan bilen AÖB-niň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijelerini jemlemek we geljekde hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemek üçin möhüm meýdança bolup hyzmat etdi.

Tegelek stol maslahaty tamamlanandan soň, Türkmenistanyň Merkezi Banky bilen AÖB-nyň arasynda Aşgabatda Lukmançylyk orta okuw mekdebini gurmak taslamasyna karz serişdelerini bermek baradaky ylalaşyk Teswirnamasyna gol çekildi.

## HYTAÝYŇ "YUTONG" ÄGIRDI MERKEZI AZIÝA ÜÇIN 10 MÜŇÜNJI AWTOBUSYNY TAÝÝARLADY

Hytaýyň Çžençžou şäherindäki konweýerden Merkezi Aziýa ýurtlaryna eksport üçin niýetlenen 10 müňünji "Yutong" awtobusyny taýýarlady. Bu barada "Sinhua" agentligi habar berýär.

Ştab-kwartirasy Hytaýyň Henan welaýatynyň administratiw merkezi Çžençžou şäherinde ýerleşýän "Yutong" kompaniýasy ýurduň awtobus üpjün edijileriniň iň esasylarynyň biridir. Ilkinji "Yutong" awtobuslary 2005-nji ýylda Gazagystana ugradyldy.

Şu ýylyň başynda kompaniýa Türkmenistan bilen 700 sany şäher awtobusynyň iberilmegi boýunça şertnama baglaşdy.

Geçen 20 ýylyň dowamynda kompaniýa Merkezi Aziýanyň bazarynda ornuny yzygiderli pugtalandyrdy we häzire çenli bu sebite jemi 10 000 awtobus ugradyldy. Olaryň arasynda 1000-den gowragy täze energiýa çeşmelerini ulanýan awtobuslardyr.




Häzirki wagtda "Yutong" Merkezi Aziýada iň köp satylýan hytaý awtobus markasyna öwrüldi.

Gazagystan, Özbegistan we Türkmenistan ýaly ýurtlaryň ýolunda hereket edýän "Yutong" awtobuslarynyň köpüsi tehniki taýdan gowy ýagdaýdadygyny kompaniýa belläp geçýär.

2024-nji ýylyň maglumatlaryna görä, "Yutong" kompaniýasy 46 000-den gowrak dürli görnüşli awtobus öndürdi: şäher awtobuslary, şäherara, syýahatçylyk, mekdep awtobuslary we beýleki ýörite maksatly ulaglar. Dünýä boýunça täze energiýa çeşmelerine geçiren "Yutong" awtobuslarynyň 200 000-den gowragy satyldy. Kompaniýanyň dünýä bazaryndaky paýy bolsa 10%-den ýokarydyr.



## 1 million tonnadan gowrak türkmen bugdaýy taýýar

**Ýurdumyzyň ussat gallaçy kärendeçileri Watan harmanyna ak bugdaýyň 1 million tonnadan gowragyny tabşyrdylar. Munuň özi edermen daýhanlaryň yhlasly zähmetiniň we ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny hemmetaraplaýyn ösdürmek ugrunda döwlet tarapyndan edilýän tagallalaryň aýdyň netijesidir. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ak ekin meýdanlarynda orak möwsümi gyzgalaňly dowam edýär. Bu işde kärendeçileriň, mehanizatorlaryň, sürüjileriň sazlaşykly zähmeti netijesinde Watan harmanyna goşulýan hasylyň mukdary yzygiderli artýar. 1 million tonnalyk sepgidi eýelän gallaçy kärendeçileriň orak möwsüminde alyp barýan işleriniň depginleri birjik-de peselmeýär.**

**Ýakynda hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly daýhan birleşiginde bolup, kärendeçi daýhanyň alyp barýan işleri bilen tanyşmagy hem-de onuň ýetişdiren bugdaý hasylynyň oragyna ak pata bermegi ýurdumyzyň gallaçy kärendeçilerini belent sepgitlere ýetmäge ruhlandyrdy.**

**Häzirki döwürde ähli welaýatlarda döwrebap däne saklaýjy we üweýji kärhanalaryň gurulmagy oba hojalyk ekini bolan bugdaýyň ýetişdirilmegine, gaýtadan işlenilmegine we saklanmagyna berilýän ünsüň örän uludygyny görkezýär. Orak möwsüminde işleriň gije-gündizleýin alnyp barylmagy netijesinde her günde kabul ediş nokatlaryna ak bugdaýyň müňlerçe tonnasy gelip gowuşýar. Tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär. Munuň özi ekerançylaryň ýetişdirilen bol hasyly iň soňky dänesine çenli ýygnap almaga, döwlete bugdaý tabşyrmak boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny doly ýerine ýetirmäge bolan höwesini artdyrýar.**



## Balkanly gallaçylaryň zähmet ýeňşi

**Balkan welaýatynyň edermen gallaçylary şu ýylyň hasyly üçin geçen ýylyň güýzünde tohum sepen jemi 50 müň gektar ak ekin meýdanlaryndan 80 müň tonnadan gowrak guşgursak bugdaý hasylyny ýygnap, jogapkärli möwsümde ýurdumyz boýunça ilkinji bolup arzyly zähmet üstünligini gazandylar.**

**Mälim bolşy ýaly, 22-nji iýunda ýurdumyzyň ussat gallaçy kärendeçileriniň Watan harmanyna ak bugdaýyň 1 million tonnadan gowragyny tabşyrandyklary habar berildi. Onuň yzysüre döwletli Diýarymyzyň günbatar künjeginde ýerleşýän Balkan welaýatynyň edermen gallaçylarynyň 80 müň tonnadan gowrak ak bugdaýy Watan harmanyna goşup, ýurdumyzda ilkinjileriň hatarynda şertnamalaýyn borçnamasyny doly berjaý edendikleri baradaky hoş habar göwünleri galkyndyrdy.**



**Sebitiň toprak-howa şertleri bilen baglylykda, Balkan welaýatynda bugdaý oragyna 11-nji iýunda girişildi. Möwsümiň dowamynda bar bolan, ýokary iş öndürijilikli 100 çemesi kuwwatly kombaýn, ýygnalan hasyly galla kabul ediş nokatlaryna bökdençsiz daşamakda ýük awtoulaglarynyň 500-den gowragy netijeli peýdalanylýar. Işleriň göwnejaý ýola goýlup, tehnikalaryň saz işledilmeginiň gazanylmagy balkanly gallaçylary arzyly sepgide ýetirdi.**

**Munuň üçin düzüminde mehanikler, sazlaýjylar, kebşirleýjiler bolan ýörite hyzmat ediş toparlarynyň 16-sy gije-gündiziň dowamynda hereketde boldy. Watanymyzyň belent harmanyna guşgursak bugdaý hasylyny tabşyrmakda welaýatyň Gyzylarbat we Magtymguly etraplarynyň kärendeçileri has-da göreldeli zähmet çekdiler.**

**Balkan welaýatynda bugdaý Gyzylarbat, Bereket, Magtymguly, Etrek, Esenguly etraplarynda ekilýär. Onuň «Alekseiç», «Bezostaýa – 100» ýaly sortlary ekilip, olardan ýokary hasyl almak ugrunda ähli tagallalar edilýär. Welaýatda bugdaý öndürmek boýunça şertnamalaýyn borçnamanyň ýylyň-ýylyna ýurdumyzda ilkinjileriň hatarynda berjaý edilmegine sebitiň oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy düzümleri hem mynasyp goşantlaryny goşýarlar.**

## RONALDO "AL-NASR" BILEN 2 ÝYLLYK ŞERTNAMA BAGLAŞDY

Kristiano Ronaldo Saud Arabystany «Al-Nasr» futbol kluby bilen şertnamasyny 2027-nji ýyla çenli uzaltdy. Bu bolsa onuň 40 ýaşynda hem futbol oýnamagyny dowam etdirýändigini aňladýar. Kristianonyň aýlygy öňküsi ýaly – möwsüm üçin 200 million ýewro. Şeýle ýaşda şeýle girdejini gazanmak hem üstünlikdir.

Sosial ulgamlarda onuň ýyllyk girdejisiniň 400 million ýewro (hatda günde 1,1 million, sekuntda 13 ýewro) diýip ýazylýar, ýöne bu maglumatlar resmi taýdan tassyklanmady. Şeýle hem bolsa, Ronaldo dünýäniň iň ýokary aýlyk alýan türgeni bolmagynda galýar. «Al-Nasr» ilkinji başda oňa diňe bir ýyllyk şertnama hödürläpdi, ýöne soň karary Ronaldonyň özüniň kabul etmegine rugsat berdiler. Ronaldo islän zatlarynyň hemmesini aldy.

Ronaldo diňe bir ýokary aýlyk we goşmaçalar bilen çäklenmän, eýsem «Al-Nasr» klubynyň 15% paýnamasyny hem alar – bu bolsa 35 million ýewro diýlip baha berilýär. Kristiano Ronaldo Saud Arabystanynda 2023-nji ýylyň ýanwaryndan bäri oýnaýar. Öňki möwsümde çempionatda 30 oýun, 25 gol bilen çykyş etdi. Ondan öňki ýylda has netijeli çykyş edipdi – 35 gol geçiripdi.




Ýöne esasy mesele – «Al-Nasr» bilen Ronaldonyň gazanmakda şowsuzlygy bolup durýar.

- Ronaldo Saud ligasynda iki gezek ikinji boldy – elbetde, «Al-Ittihad» we «Al-Hilal» klublaryndan yzda galdy. Saud Arabystanynda üç uly klub bar, ýöne diňe «Al-Nasr» altyn medal gazanyp bilmedi. Öňki möwsümde hem hiç hili mümkinçilige eýe bolman üçünji bolup tamamlandylar.
- Ýerli kubokda hem üstünlik ýok: bir gezek finalda oýnadylar, iki gezek pleý-offda ýeňildiler. Şeýle hem Saud Arabystanynyň Superkubogynda hem şowsuzlyk boldy.
- Aziýa Çempionlar Ligasynda Ronaldo bilen «Al-Nasr» finala çykyp bilmedi. Öňki möwsümde BAE-den «Al-Aýn» toparyna garşy ýarym finalda ýeňildiler. Bu möwsüm has gowy mümkinçilik bardy. Ýene-de bolmady.
- Ronaldonyň «Al-Nasr» bilen alan ýeke-täk kubogy – 2023-nji ýylda gazanylan Arap çempionlar kubogy bolup durýar.

# Beýik Britaniýa Türkmenistana hoşallyk bildirdi

Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow bilen Birleşen Patyşalygyň Ýewropa, Demirgazyk Amerika we deňziň aňyrsyndaky ýurtlar boýunça döwlet ministri Stiwen Dautiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Söhbetdeşligiň barşynda britan tarapy Türkmenistana Ýakyn Gündogardaky emele gelen kyn ýagdaý zerarly Birleşen Patyşalygynyň raýatlarynyň Eýrandan çykmagyna beren ýardamy üçin hoşallyk bildirdi.

Bu ädimiň Türkmenistanyň ynsanperwer ýörelgelerine ygrarlydygyny ýene bir gezek görkezýändigi bellendi.



Mundan başga-da, taraplar syýasy, diplomatik we söwda-ykdysady ugurlarda Türkmenistan bilen Beýik Britaniýanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk meselelerine garadylar. Hususan-da, şu ýylyň mart aýynda Aşgabatda geçirilen "Türkmenistanyň geljegine maýa goýum" (IFT-2025) atly hususy pudaga maýa goýumlaryny çekmek boýunça foruma Beýik Britaniýanyň hususy pudagynyň wekilleriniň gatnaşmagynyň netijeliligi bellendi.

Diplomatlar sebit meselelerini, üstümizdäki ýylyň ikinji ýarymynda meýilleşdirilýän ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşdäki çäreleri ara alyp maslahatlaşdylar. Şunuň bilen baglylykda iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasynda yzygiderli gepleşikleri alyp barmagyň ähmiýeti nygtaldy.

Söhbetdeşligiň ahyrynda britan tarapy Türkmenistana Birleşen Patyşalygyň raýatlaryna berlen ynsanperwer kömegi üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirdi.

# Türkmenistanyň harytlary: Stambulyň sergi sahnasynda

2025-nji ýylyň 2-5-nji iýuly aralygynda Türkiýäniň ykdysady we söwda merkezleriniň biri hasaplanýan Stambul şäherinde Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi geçiriler. Bu sergi ýurdumyzyň ykdysady ösüşlerini we önümçilik mümkinçiliklerini halkara derejesinde tanyşdyrmagy maksat edinýär. Sergi Türkmenistanyň hökümetiniň hem-de degişli döwlet we hususy pudaklarynyň bilelikde guramagynda geçiriler. Onuň çäginde ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli, halkara standartlaryna laýyk gelýän we bäsleşige ukyply harytlar giňden görkeziler. Şeýle hem, sergä gatnaşýanlar Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmekde alyp barýan syýasaty bilen tanyşyp, täze hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini öwrenip bilerler.



Bu çäre diňe bir öndürilýän harytlaryň görkezilişi bilen çäklenmän, eýsem ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleriniň täze maksatnamalaýyn ugurlary hem-de daşary ýurtly maýadarlary özüne çekip biljek maýa goýum taslamalary bilen hem tanyşdyrar.

Türkmenistanyň halkara bazarlara çykmak mümkinçiliklerini giňeltmäge, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge hem-de milli önümleriň eksport kuwwatyny artdyrmaga gönükdirilen bu çäre ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynyň möhüm bölegi bolup durýar. Sergi, şeýle hem, Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary berkitmäge we täze hyzmatdaşlyk sahypalaryny açmaga giň ýol açar.

# Günorta Koreýa Türkmenistana minnetdarlyk bildirdi

Koreýa Respublikasynyň daşary işler ministrligi Eýrandan we Ysraýyldan koreý raýatlarynyň çykarylmagyna kömek edendigi üçin Türkmenistanyň, Iordaniýanyň we Müsürüň hökümetlerine çyn ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

2025-nji ýylyň 24-nji iýunynda Seul şäherindäki Hökümet toplumynda geçirilen metbugat ýygnagynda Koreýa Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň wekili şeýle diýdi:




"Biz Eýranda ýaşaýan Koreýa raýatlarynyň üçünji ýurtlara howpsuz geçmegini üpjün etmekde beren goldawy üçin Türkmenistanyň Hökümetine ýürekden minnetdarlyk bildirýäris. Şeýle hem, Ysraýyldan raýatlarymyzyň howpsuz we çalt çykmagyna ýardam edenleri üçin Iordaniýanyň we Müsürüň hökümetlerine sagbolsun aýdýarys."

Şeýle hem resmi wekil:"Bu ýurtlar tarapyndan görkezilen agzybirlik ruhuna çuňňur minnetdarlyk bildirýäris we geljekde dostlugymyzy hem-de hyzmatdaşlygymyzy mundan beýläk-de berkitmäge umyt edýäris" diýip belledi.

# Türkmenistanly tälimçi Litwanyň "Daýnawa" toparyna tälim berer

Türkmenistanly tälimçi Mergen Orazow Litwanyň "Daýnawa" toparyna tälim berer. Litwa topary belarusly tälimçi bilen şertnamasyny tamamlap, türkmen tälimçi bilen ylalaşdy. Bu barada toparyň metbugat gullugy habar berýär. Türkmen tälimçiniň öňünde goýlan esasy wezipeleriň biri "Daýnawa" toparynyň ýurduň çempionatyndaky ornuny berkitmekden, şeýle hem toparyň Ýewropa kubok ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Häzirki wagtda bu topar Litwanyň çempionatynda 4 utuk toplap, soňky orunda barýar. Möwsümiň tamamlanmagyna 11 duşuşyk galdy we şol döwürde toparda görnetin ösüşleriň gazanylmagy göz öňünde tutulýar. Mergen Orazowyň "UEFA Pro" ygtyýarnamasy bolup, onuň milli ýygyndy we professional toparlarda 5 ýyllyk iş tejribesi bardyr. Onuň tälimçilik işi Aşgabatda başlap, ilki bilen "Altyn asyr" toparynda işledi. Soňra "Köpetdag" we "Ahal" toparlaryna tälim berdi.



Şeýle hem Mergen Orazow Türkmenistanyň milli ýygyndysyna tälim berdi. Ol 2022-nji ýylda Türkmenistanda iň gowt futbol tälimçileriň biri bolupdy.

# "Oklahoma" taryhynda ilkinji gezek NBA çempiony boldy

Amerikanyň Oklahoma ştatyndaky Oklahoma-Siti şäherinde ýerleşýän "Chesapeake Energy Arena" sport zalynda NBA-nyň "play-off" finalynyň ýedinji duşuşygy geçirildi. Bu oýunda "Oklahoma Siti Thunder" bilen "Indiana" toparlary duşuşdy. Ýer eýeleri 103:91 hasaby bilen ýeňiş gazandylar we seriýada 4:3 üstün çykyp, ýeňiji boldular.

Oýnuň iň netijeli oýunçysy "Oklahomanyň" lideri Şey Gildžes-Aleksandr boldy – kanadaly oýunçy 29 utuk, 12 netijeli pas we bäş top alyp, tapawutlandy.

"Indiananyň" ýolbaşçysy we esasy oýunçysy Tairiz Halibörton ilkinji çärýekde şikes aldy we oýny dowam etdirip bilmedi.

"Oklahoma" öz taryhynda ilkinji gezek NBA çempiony boldy. "Thunder" 1979-njy ýylda çempion bolan, ýöne şol döwürde topar "Seattle SuperSonics" ady bilen Sietlde çykyş edýärdi.



# Halkara Olimpiýa komitetiniň täze ýolbaşçysy wezipesine girişdi

Lozannadaky Olimpiýa öýünde Halkara Olimpiýa Komitetiniň (HOK) başlygynyň ygtyýarlyklarynyň geçirilmegi dabarasy boldy. 2013-nji ýyldan bäri HOK-a ýolbaşçylyk eden Tomaьı Bah bu wezipäni Zimbabweden bolan iki gezek Olimpiýa çempiony Kirsti Kowenträ tabşyrdy.

Kowentri HOK-nyň 10-njy prezidenti bolup, bu wezipä bellenen ilkinji zenan we Afrika yklymyndan bolan ilkinji wekili hökmünde taryha girdi. Ol şu ýylyň mart aýynda Gresiýanyň Olimpiýa şäherçesinde geçirilen HOK-nyň 144-nji sessiýasynda sekiz ýyllyk möhlet bilen saýlanyldy.



Dabaranyň dowamynda Bah Kowenträ Olimpiýa öýüniň açaryny dabaraly ýagdaýda gowşurdy. Bu açar, 1992-nji ýylda ispan dizaýneri Andre Rikar tarapyndan döredildi.

Dabara Halkara Olimpiýa komitetiniň agzalary, türgenler, jemgyýetçilik wekilleri we halkara hyzmatdaşlaryndan 700-den gowrak myhman gatnaşdy.

# 4000 töweregi adam Eýrandan öz Watanyna gaýdyp bardy

Türkmenistan ynsanperwer geçelgeleri arkaly Eýrandan gidýän daşary ýurt raýatlarynyň päsgelçiliksiz üstaşyr geçmegini üpjün edýär.

Şu güne çenli 52 ýurt Türkmenistandan Ýakyn Gündogardaky ýagdaýy göz öňünde tutup raýatlarynyň Watanyna dolanmagyna kömek bermegini sorap ýüz tutdy.



Ähli haýyşlar Türkmenistandaky daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalary bilen hyzmatdaşlykda haýal etmän işlenýär.

Bu uly göwrümli iş, Türkmenistanda akkreditlenen daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalary bilen ýakyn hyzmatdaşlykda derrew amala aşyrylýar. Türkmenistanyň şeýle haýyşlara çalt jogap bermek we kyn ýagdaýlarda netijeli utgaşdyrmak ukyby onuň bitaraplyk ýörelgelerine ygrarlydygyny we möhüm ynsanperwerlik geçelgeleri bilen sebitde durnuklaşdyryjy faktor bolmaga taýýardygyny görkezýär.

# Mask robotlaşdyrylan taksi hyzmatyny ýola goýýar

Amerikan tehnologiýa magnaty Ilon Mask Ostin şäherinde sürüjisiz robotlaşdyrylan taksileriň işe girizilendigini habar berdi. Emeli aň bilen dolandyrylýan awtoulaglar Tehas ştatynyň paýtagtynyň köçelerine 22-nji iýunda çykandygy habar berildi. Mundan ozal Mask robotaksileriň önümçiliginiň diňe 2026-njy ýylda başlanjakdygyny aýdypdy.

Sürüjisiz robotaksi – Ilon Maskyň eýeçiligindäki "Tesla" kompaniýasynyň işläp düzen tehnologiýasydyr. "Tesla" elektrik awtoulaglaryny, zarýad batareýalaryny we Gün panellerini öndürýär. "Robotlaşdyrylan taksiler Ostinde işe başlaýar. Müşderiler üçin hemişelik ýolagçy tölegi 4 dollar 2 sent bolar!" diýip, Ilon Mask sosial ulgamda habar berdi. Ýollara takmynan 10 sany awtoulag çykarylar. Taslama üstünlikli bolsa, awtoulaglaryň sany müňlerçe çenli artdyrylar.



Robotaksiniň sürüjisi ýok, emma ýolagçy oturgyjynda ulgamyň işine gözegçilik edýän operator ýerleşýär. Ugur howpsuz we kyn ýerlerden gaça durmak üçin düzüler. Eger-de awtoulag şeýle ýerden geçmeli bolsa, hereket berk gözegçilikde saklanar. Mesele ýüze çyksa, dolandyryş operator tarapyndan ýerine ýetiriler.